# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

2021

TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY



№4/2021



Türkmenistanyň Merkezi banky

Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna
### на 1 мая 2021 года

Aşgabat 2021

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**KIÇI GÖWRÜMLI KARZLARYŇ DÖREDÝÄN MÜMKINÇILIKLERI**
ПЕРСПЕКТИВЫ МИКРОКРЕДИТОВАНИЯ
3

**KARZ WE YKDYSADY ÖSÜŞ**
КРЕДИТ И ЭКОНОМИЧЕСКИЙ РОСТ
7

**SANLY ULGAM ARKALY BANK HYZMATLARY ÖSDÜRILÝÄR**
РАЗВИТИЕ БАНКОВСКИХ УСЛУГ НА ОСНОВЕ ЦИФРОВОЙ СИСТЕМЫ
12

**KIÇI GÖWRÜMLI KARZLAR - ÖNÜMÇILIGE MÜMKINÇILIKLER**
МИКРОКРЕДИТОВАНИЕ - ФАКТОР РОСТА ПРОИЗВОДСТВА
16

**RAÝATLARYŇ BÄHBITLERINE GÖNÜKDIRILEN BANK HYZMATLARY**
БАНКОВСКИЕ УСЛУГИ В ИНТЕРЕСАХ ГРАЖДАН
18

**MILLI YKDYSADYÝETIMIZI DOLANDYRMAGYŇ MÖHÜM UGRY**
КЛЮЧЕВОЙ ВЕКТОР УПРАВЛЕНИЯ НАЦИОНАЛЬНОЙ ЭКОНОМИКИ
22

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
26

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
28

# KIÇI GÖWRÜMLI KARZLARYŇ DÖREDÝÄN MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda bolşy ýaly ýurdumyzyň bank ulgamynda hem hyzmatlaryň täze-täze görnüşlerini halka hödürlemek bilen, Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda durmuşa geçirýän ykdysady özgertmelerine jogap edip, dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini ulanmak arkaly bank amallaryny sanlylaşdyrmak işleri netijeli ýola goýulýar.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlarymyza bank amallarynyň dürli görnüşleri ýerine ýetirilýär, gysga we uzak möhletlere karz pul serişdeleri berilýär. Häzirki wagtda ilatyň ösen isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen raýatlara gündelik zerurlyklaryna ulanmak maksady bilen sarp ediş maksatly karzlar, ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň okuw tölegleri tölemek maksadyna «Talyp karzy», durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý-goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak maksadyna «Ýaş çatynjalar karzy», ähli amatlyklary göz öňüne tutulyp gurulan döwrebap ýaşaýyş jaýlaryny, jaýlardaky öýleri satyn almak maksadyna ipoteka karzlary, önüm öndürmeklik üçin zerur bolan tehnikalary, enjamlary we gurallary satyn almak maksadyna önümçilik karzlary we beýleki ýeňillikli bank karzlary berilýär.

Sanly bank hyzmaty bolan «Owerdraft» bank karzy söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda, onuň pul serişdeleriniň

# Перспективы микрокредитования

В эпоху могущества и счастья в соответствии с претворяемыми в жизнь экономическими преобразованиями уважаемого Президента, как и во всех отраслях национальной экономики, так и в банковской системе страны, осуществляется эффективная работа по цифровизации банковских операций, используя опыт развитых государств.

Кредитными учреждениями страны предоставляются различные виды банковских услуг, населению выдаются краткосрочные и долгосрочные кредиты. В настоящее время для удовлетворения растущей потребности населения и обеспечения ежедневных нужд потребителей, банками страны предлагается целый пакет различных банковских кредитов. Среди них широкое распространение получили: «Talyp karzy», кредит предназначенный для оплаты учебной платы высших и среднепрофессиональных учебных заведений, «Ýaş çatynjalar karzy», кредит выдаваемый молодым семьям на покупку необходимых предметов домашнего обихода и хозяйственных товаров, ипотечные кредиты для приобретения жилых домов и комфортабельных квартир со всеми удобствами для улучшения социально-жилищных условий населения, производственные кредиты направленные на приобретение технического оборудования и комплектующих деталей для организации производственной деятельности и другие льготные кредиты, предназначенные для поддержки населения страны.

satyn alyjylyk ukybyny artdyrmak maksady bilen, bank bilen baglaşan şertnamasyna laýyklykda «Owerdraft» bank kartynyň üsti bilen awtomatiki usulda berilýän gysga möhletli karz serişdesi bolup durýar. Şunda müşderiniň aýlyk zähmet haky «Altyn asyr» bank kart hasabyna gelip gowşanda bellenen tertipde karz we oňa hasaplanan göterim awtomatiki usulda yzyna gaýtarylýar.

Häzirki wagtda raýatlarymyz tarapyndan uly gyzyklanma bildirilýän bank karzynyň ýene bir görnüşine - kiçi göwrümli karzlara bolan islegler günsaýyn artýar. Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän bank şahamçalarynda, bellenen tertipde bölünip berlen melleginde, kömekçi hojalygynda, ýaýladaky ýer böleginde şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin esasy we dolanşyk serişdelerini edinmek maksatlaryna kiçi gowrümli karzlary bermeklik ýola goýulan. Munuň özi mellek ýerlerinde, kömekçi hojalygynda, mülk ýerlerinde ekerançylyk, maldarçylyk, guşçylyk we beýleki oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan raýatlaryň önümçilik işlerini giňeltmek, şeýle hem önüm öndürmeklige islegi bolan, emma maliýe serişdeleriniň ýetmezçilik edýän raýatlara gysga wagtyň içinde berilýän bank karzydyr. Şeýle görnüşli bank karzynyň berilmegi raýatlaryň melleginde, şahsy hojalygynda gök-bakja we miwe önümlerini, tohum mallaryny, guş önümlerini öndürmäge mümkinçilik döredýär. Kiçi göwrümli karzlar ýyllyk 10 göterimli, 30 (otuz) müň manada çenli, 6 aý ýeňillikli döwür bilen 3 (üç) ýyla çenli möhlete nagt däl görnüşinde berilýär.

Kiçi göwrümli karzlaryň hasabyna raýatlaryň hususy mellek ýerlerinde ýyladyşhanalaryň gurulmagy, öňden bar bolanlarynyň giňeldilip, durkunyň täzelenmegi netijesinde gök-bakja ekinleri ýetişdirlip, ýerli bazarlarda önüm bolçulygyny döretmäge amatly mümkinçilik döredýär. Mysal hökmünde karzyň bu görnüşi boýunça raýatlarymyzyň maldarçylykdan alýan önümleri bilen ýerli önüm öndürijileri çig mal bilen üpjün edýändigini hem görkezmek bolar. Welaýatyň daýhan

Цифровая банковская услуга «Овердрафт» имеет специфическое целевое назначение. Этот краткосрочный банковский кредит предоставляется клиенту при покупке товаров и оплате личных видов услуг. Согласно условиям договора банк предоставляет клиенту право оплачивать со своей банковской карты «Алтын асыр» товары и услуги в сумме превышающий размер остатка. При пополнении счета или поступлении заработной платы на счет клиента, данный кредит и начисленные по нему проценты по условиям договора автоматически погашаются.

В настоящее время у граждан растет интерес к еще одному привлекательному виду банковской услуги – микрокредитованию филиалами банков Марыйского велаята налажена выдача микрокредитов на приобретение основных и оборотных средств для производства сельхозпродукции в личных подсобных хозяйствах, на арендованных и удельных земельных участках.

Данный вид банковской услуги предоставляет возможность расширить производство по выращиванию различных сельхозкультур, увеличению поголовья скота и птиц в личном подсобном хозяйстве, на арендованных и удельных земельных участках. Также этот кредит обеспечивает в краткие сроки денежными средствами граждан желающих заниматься производством, но испытывающих временнее затруднение в денежных средствах. Микрокредитования способствует выращиванию различных культур и получению богатого урожая в растениеводстве, увеличению поголовья скота и птиц, разведению племенных пород различных видов животных и пернатых. Микрокредитование как новый перспективный вид банковской услуги выдается в безналичном виде сроком до 3 лет, под 10% годовых, с 6 месячным льготным периодом.

Создание новых и расширение объ-

birleşikleriniň, hojalyklarynyň ekin ýerlerinden şertnama esasynda kärende ýerleri alnyp dürli ekinleriň hasylyny ýetişdirýän kärendeçilere hem banklar tarapyndan tohumlary we gaýry zerurlyklary satyn almak maksadyna kiçi göwrümli karzlar bilen üpjün edilýär. Mary welaýaty boýunça welaýatymyzyň banklary tarapyndan 2021-nji ýylyň 1-nji marty ýagdaýyna 685 sany karz alyja jemi 15 830,8 müň manat möçberinde kiçi göwrümli karzlar berildi. Karzlaryň agramy böleginiň ýyladyşhanalary gurmak, ownuk we iri şahly mallaryň baş sanyny köpeltmek maksadyna berlendigini hem bellemek gerek.

Häzirki wagtda Mary welaýatynyň çäginde 304 müňden gowrak hojalyklar bolup, olardan melleginde, hususy ýer böleginde önümçilik bilen meşgullanýan raýatlaryň sany günsaýyn artýar. Welaýatymyzyň banklary tarapyndan berilýän kiçi göwrümli karzlaryň maksady diňe bir raýatlaryň melleginde ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem bu ugurda zerur bolan tehniki enjamlaryň ýurduň çäginde öndürmekligi hem göz öňüne tutulýar. Ýagny el güýji bilen sarp edilýän işleri innowasion tehnologiýalar arkaly ýerine ýetirmek maksady bilen dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň tejribeleri öwrenilýär, olary ýerli mümkinçilik-lerimizde ulanyp, kärhanalarda kiçi göwrümli oba hojalyk gurallaryny, enjamlaryny öndürmeklik meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda olaryň birnäçesiniň taslamalarynyň üstünde işlenilýär. Mysal hökmünde ot üweýän, mekge sökýän ýaly kiçi göwrümli ýöne iş öndürijiligi ýokary bolan gurallary öndürilip synagdan geçirildi. Munuň özi daşary ýurtlardan getirilýän birnäçe görnüşli gurallaryň öwezini tutýan hem-de el güýji bilen ýerine ýetirilýän işleri ýeňilleşdirmäge we işiň netijeliligini birnäçe esse ýokarlandyrmaklyga mümkinçilik döredýär.

Mundan başga-da welaýatyň bank şahamçalary tarapyndan berilýän kiçi göwrümli karzlaryň hasabyna şahsy hojalygynda (melleginde) ýa-da bölünip berilen ýer böleginde önümçilik bilen meşgullanýan raýatlar tarapyndan öndürilýän önümleri oba hojalyk, azyk önümçiligi, ýeňil senagaty we beýleki pudaklar boýunça işleýän te-

емов уже имеющихся теплиц в личных подсобных хозяйствах, на арендованных и удельных земельных участках за счет микрокредитов, позволяет увеличить производительности и обеспечить бахчевыми культурами внутренние рынки. Особо важно отметить, что выпускаемая заемщиками молочная продукция позволяет обеспечивать сырьем местных товаропроизводителей. Арендаторам арендующих посевные земли у дайханских объединений и хозяйственных субъектов также выдаются микрокредиты для покупки семян и на различные нужды. По состоянию на 1-е марта 2021-года банками велаята выданы микрокредиты 685-ти заемщикам на сумму 15830,8 тысяч манат. Нужно отметить, что значительная часть микрокредитов выдано на увеличение поголовья мелко и крупно рогатого скота, также на создание теплиц.

В настоящее время в Марыйском велаяте насчитывается более 304 тысяч частных хозяйств, и с каждым днем растет количество граждан занимающихся производством на земельных участках.

Целью микрокредитов выдаваемый банками велаята является не только выращивание сельхозпродукции и увеличение поголовья скота на земельных участках граждан, но и производство оборудования в этом направлении внутри страны. Изучая опыт передовых стран по облегчению условий труда с помощью современных инновационных технологий, и с внедрением их в местное производство, планируется выпуск малогабаритных сельскохозяйственных оборудований на отечественных предприятиях. В эти дни ведётся работа над несколькими проектами, в том числе по созданию конкурентоспособных технологий отечественного производства. Так, уже успешно прошли испытания малогабаритных, высокорентабельных сено дробильной и кукуруза дробильной установки, созданные местными производителями. Таким образом, создается возможность

lekeçiler üçin goşmaça çig mal üpjünçilik binýady bolup durýar. Häzirki wagtda dürli ugurlar boýunça önümçilik işlerini ýola goýan kiçi we orta telekeçiler tarapyndan şahsy hojalyklarda öndürilýän önümlere çig mal hökmünde gyzyklanma bildirilýär. Bu hem öz gezeginde önümleriň hiliniň has-da ýokarlanmagyna hem-de daşary ýurt tejribesini öwrenmek arkaly ekerançylygyň we maldarçylygyň täze görnüşleriniň ösdürilip ýetişdirilmegine oňaýly täsirini ýetirýär. Mysal hökmünde gök-bakja önümleriniň gadymdan gelýän naýbaşy görnüşlerini (sortlaryny) saýlap tapmak, şeýle hem ýokary hilli, köp önüm berýän daşary ýurtlardan getirilýän tohum mallaryny ýerli mallar bilen çakyşdyryp, tebigatymyzyň howa şertlerine uýgunlaşan ýokary önümçilikli tohum mallaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça alnyp barylýan işleri görkezmek bolar.

Şahsy hojalyklarynda belli bir önümiň görnüşi boýunça önümçilik bilen meşgullanýan raýatlar bilen olaryň öndürýän önümlerine isleg bildirýän taraplaryň arasynda şertnamalar baglaşmak arkaly ýerinde aluw-satuwlary gurnamak hem-de bada-bat hasaplaşyklary geçirmek işleri ýola goýlanda, bu ugurda iş alyp barýan raýatlaryň wagtyny tygşytlamaga, önümçilige bolan höwesiniň artmagyna, netijede ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da ýokarlanmagyna getirer.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge amatly şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, Belent Başy aman bolsun. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan beýik işleri elmydama rowaç alsyn!

**Balkan ÇARYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň Ykdysady
seljeriş we jemleýiş bölüminiň başlygy

развития производства импортозамещающих технологий, облегчающих условия ручного труда и повышается производительность труда.

Еще одним важнейшим аспектом микрокредитования клиента, занимающегося производством на земельных участках, является продукция позволяющая обеспечить дополнительным сырьем местных предпринимателей производящих сельхозпродукцию, продуктов питания, товаров легкой промышленности а и в других отраслях. В настоящее время растет заинтересованность средних и малых предпринимателей продукцией выпускаемой частными хозяйствами. Таким образом, создается возможность для улучшения качества продукции к путём изучения зарубежного опыта. К примеру можно показать отбор элитарных сортов овощей и бахчевых культур, получение высокопроизводительных племенных видов скотины восприимчивых к местному климату путем скрещивания зарубежных племенных и местных видов.

Незамедлительная оплата при купле-продаже производимой продукции частных хозяйств, поможет сэкономить время, что в свою очередь повысит интерес производителя и улучшит его социально-жилищные условия.

Искренно желаем уважаемому Президенту доброго здоровья, долгих лет жизни, успехов в благородной деятельности во имя процветания благосостояния туркменского народа!

**Балкан ЧАРЫЕВ,**
начальник отдела Экономического анализа и
свода филиала Центрального банка Туркменистана
в Марыйском велаяте

# KARZ WE YKDYSADY ÖSÜŞ

Ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçirilýän döwründe karz ykdysady ösüşiň ýokary depginleri üçin binýatlaýyn şertleri döredýär we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ep-esli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Banklar karz bermezden ozal ýurduň ykdysadyýetini kämil öwrenmelidir we onuň netijesinde karzyň esasy ugurlaryny kesgitlemeli. Şeýlelikde, ylmy taýdan esaslandyrylan oňyn çözgütleriň kabul edilmegi diňe bir karzyň netijeli ulanylmagyna esas döretmek bilen çäklenmän, eýsem karzyň ýörelgelerini talaba laýyk berjaý etmäge, karzyň göz öňünde tutulan wezipelerini üstünlikli çözmäge gönükdirilmegini üpjün eder. Karz alyjylaryň karz serişdelerini ulanmaklaryna örän jogapkärli we oýlanyşykly çemeleşmekleri karz geleşigine gatnaşýanlara amatly şertleri döreder we karz bilen baglanyşykly töwekgelçiligi peselder. Şeýlelik bilen, karzyň ykdysady ösüşdäki orny we ähmiýeti ýokarlanar.

Soňky ýyllarda çap edilýän statistiki maglumatlardan görnüşi ýaly, ykdysadyýete goýulýan uzak möhletleýin, uly möçberli karzyň paýy yzygiderli artýar, esasy gaznalaryň öz wagtynda täzelenmegine, innowasion önümçiligi ýola goýmaga, işjeň maýa goýum syýasatyny alyp barmaga mümkinçilik berýär. Diňe 2020-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan müşderilere milli pulunda berilen karzyň umumy möçberi 17 921,20 million manada deň boldy. Şol sanda, edara görnüşli taraplara berlen karzlar

# Кредит и экономический рост

Во время переходного периода на рыночную экономику, кредит создаёт базовые условия для высоких темпов экономического роста и позволяет значительно повысить уровень жизни населения. Перед выдачей кредита банки тщательно изучают экономику страны, что позволяет определить ключевые области кредитования. Таким образом, принятие научно-обоснованных, взвешенных решений направлено как на обеспечение эффективного использования кредита, так и обеспечение надлежащего соблюдения принципов кредитования, что позволяет с успехом достигнуть целей выдачи кредита. Ответственный и взвешенный подход заёмщиков к использованию кредитных средств создаёт благоприятные условия для всех участников кредитного соглашения и снижает риски, связанные с кредитованием. Таким образом, значительно повышается роль и значение кредита в экономическом росте.

Статистика показывает, что в последние годы значительно увеличилась доля долгосрочного, объёмного кредитования экономики, что позволяет своевременно обновлять основные фонды, создавать инновационные производства, а также проводить активную инвестиционную политику. Только за январь-декабрь 2020 года объём кредитов, выданных кредитными организациями Туркменистана своим клиентам составил 17 921,20 миллионов манат. Из них, объём кредитов, выданных юридическим лицам,

15 690,12 million manat, raýatlara berlen karzyň möçberi bolsa 2 231,08 million manada deňdir. Banklar tarapyndan hödürlenen karzlaryň aglaba bölegi, ýagny 14 489,82 million manat uzak möhletli karzlardan ybarat bolup, olar esasan önümçilik maksatlara gönükdirilendir. Bu maglumatlardan, ykdysadyýetimize goýberilýän maliýe akymlarynyň uzak möhletli taslamalara niýetlenendigini we milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendigini görmek bolýar.

Karzyň netijeliligini ýokarlandyrmakda aýratyn orun ýurtda hereket edýän puluň hümmetiniň durnukly derejede saklanylmagyna degişlidir. Bu iki ykdysady gural özara aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi, karzyň esasy böleginiň önümçilige gönükdirilmegi bilen ýurtda haryt bolçulygy döredilýär we puluň kadaly hereketi ýola goýulýar. Beýleki tarapdan, ykdysadyýetiň düşewüntli dolandyrylmagy bank hasaplaryna gelýän puluň möçberlerini artdyrmaga we bankyň serişde binýadyny berkitmäge amatly şertleri döredýär.

Karzyň ýokary netijeli ulanylmagy bank ulgamyna sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy bilen üznüksiz baglanyşyklydyr. Bankyň karz amallarynyň sanlylaşdyrylmagy diňe bir karz alyjylar bilen bagly maglumatlary çalt almaga mümkinçilik bermek bilen çäklenmän, eýsem karz gatnaşyklary bilen bagly ähli soraglaryň dürs, öz wagtynda çözülmegine we amatly çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berer. Bu bolsa öz gezegin-



составил 15 690,12 миллионов манат, в то время, как объём кредитов, выданных физическим лицам составил 2 231,08 миллионов манат. Большая часть кредитов, выданных банками, что составляет 14 489,82 миллиона манат являются долгосрочными кредитами, направленными в основном на производственные цели. Исходя из этих данных, становится ясно, что финансовые потоки, направляемые на развитие экономических отраслей предназначены для финансирования долгосрочных проектов, нацеленных на обеспечение устойчивого развития национальной экономики.

Особая роль в повышении эффективности кредита отводится поддержанию устойчивости национальной валюты. Эти два экономических инструмента неразрывно связаны между собой. Это обусловлено тем, что кредитование производственных отраслей приводит к изобилию товаров, что в свою очередь поддерживает эффективное денежное обращение в стране. С другой стороны, эффективное управление экономикой создаёт благоприятные условия для привлечения денежных средств на банковские счета, что в свою очередь укрепляет материальную базу отечественных банков.

Эффективное использование кредитных средств неразрывно связано с внедрением цифровой экономики в работу банковского сектора. Цифровизация кредитных операций банка не только позволит быстро получать необходимую информацию о заёмщиках, но и позволит правильно и своевременно решать вопросы, связанные с кредитными отношениями, а также принимать взвешенные решения. Это, в свою очередь, позволяет увеличить объёмы кредитования, ввести новые виды кредита в банковскую практику, а также внедрить

de karzyň gerimini giňeltmek bilen bilelikde, karzyň täze görnüşlerini bank önümçiligine ornaşdyrmaga, dünýäniň ösen döwletleriniň baý tejribesini öwrenmäge we milli ösüş aýratynlyklary göz öňünde tutup bank tejribesine ornaşdyrmaga mümkinçilik berer.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, milli ykdysadyýetimize sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, pul-karz gatnaşyklaryny milli we dünýä ykdysadyýetindäki bolup geçýän özgertmeleri hasaba alyp yzygiderli kämilleşdirmek meýilleşdirilýär.

Bagtyýarlyk döwründe dünýäniň ösen banklary bilen işjeň gatnaşyklaryň ýola goýulmagy pul-karz syýasatynda dünýä tejribeleriniň – karzyň täze görnüşlerini bank işine ornaşdyrylmagyna giň ýol açdy. Olardan bilim karzyny, ýaş çatynjalara berilýän karzy, hususy önüm öndürijilere berilýän karzy, lizing karzy we beýlekileri görkezmek bolar.

Karz gatnaşyklarynyň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegi öz gezeginde karz geleşigine gatnaşýan iki tarap – karz beriji we karz alyjylar üçin amatlyklary döredýär. Karz beriji wagtlaýynça boş duran serişdelerini karzyna bermek bilen goşmaça gymmat gazanmaga mümkinçilik alýan bolsa, onda karz alyjy karzyň hasabyna özüniň maliýe mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaklygyň netijesinde önümçilik kuwwatlyklaryny ýokarlandyrýar, täze önümleri öndürmegi ýola goýýar, önümiň hili we bäsdeşlige ukyplylygy artýar.

Şeýlelikde, haýsy karz alyjylar tarapyndan karz serişdeleriniň maksada laýyk, rejeli, tygşytly we ýokary netijeli ulanylmagy üpjün edilse

новые банковские решения, основанные на богатом опыте развитых стран мира и национальных особенностях туркменской экономики.

Под мудрым руководством уважаемого Президента в стране успешно реализуются «Государственная программа развития банковской системы Туркменистана на 2011-2030 годы», «Программа развития экономической, финансовой и банковской систем Туркменистана на 2019-2025 годы», а также «Концепция развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019-2025 годы», в соответствии с которыми планируется дальнейшее повсеместное внедрение цифровых технологий в экономику страны. Кроме того, намечается увеличение объёма цифровых банковских услуг, а также усовершенствование денежно-кредитных отношений в соответствии с новшествами в национальной и мировой экономике.

В эпоху могущества и счастья туркменского народа установление продуктивных отношений с ведущими мировыми банками открыло возможности для внедрения международной практики ведения денежно-кредитной политики, а также новых видов кредитования в банковскую деятельность. К данным видам кредита относятся кредиты, выдаваемые на получение образования, а также кредиты молодожёнам. Кроме того, к ним можно отнести кредиты частным товаропроиз-



olaryň ykdysady görkezijileri yzygiderli ýokarlanýar, karza we tölege ukyplylyk derejesi üpjün edilýär.

2021-nji ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetine uly möçberli, uzak möhlete niýetlenilen karz serişdelerini goýmak meýilleşdirilýär. Bu işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi eýeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmäge, ýurduň eksport kuwwatyny artdyrmaga, maksatnamalaýyn ösüşi üpjün etmäge, dünýä döwletleri bilen köp ugurly ösüşi üpjün etmäge ygtybarly binýady döreder.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmäge, onuň artykmaç bölegini daşary ýurtlara eksport etmäge ugur alyndy. Bu meseläni üstünlikli çözmeklik üçin ýurdumyzyň banklary tarapyndan oba hojalygyna, şol sanda azyk önümlerini öndürýän hususy telekeçilere ýeňillikli şertlerde karz bermeklik işjeň ýola goýuldy.

Oba hojalyk toplumyna şeýle amatlyklaryň döredilmegi ýurdumyzyň ilatyny ýylyň dowamynda, elýeterli bahadan, ekologiýa taýdan arassa, ýokary hilli azyk önümleri öndürmekligi üpjün etmek üçin amatlyklary döretmek bilen bir hatarda, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat pudagyny ýerli çig mal bilen ýeterlik derejede üpjün edýär.

Karz gatnaşyklarynda ýüze çykýan töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen birnäçe halkara ülňülere laýyk gelýän ka-



водителям, лизинг и др.

Усовершенствование кредитных отношений в соответствии с современными тенденциями создаёт преимущества для обеих сторон кредитного соглашения, как для кредиторов, так и для заёмщиков. В то время, как кредитор получает возможность получить дополнительную прибыль от размещения свободных средств, заёмщик увеличивает свои производственные мощности в результате укрепления своих финансовых возможностей, в следствии чего налаживает производство новой продукции и повышает качество и конкурентоспособность отечественных товаров.

Таким образом, в следствии целевого и эффективного использования кредитных средств заёмщиками, их экономические показатели последовательно растут, обеспечивая высокий уровень их кредитоспособности и платёжеспособности.

В 2021 году планируется направить кредитные средства на долгосрочные, грандиозные проекты, нацеленные на развитие туркменской экономики. Успешная реализация этих проектов создаст прочный фундамент для развития различных форм собственности, увеличит экспортный потенциал страны, обеспечит планомерное развитие экономики и многоплановое сотрудничество со странами мира.

Под руководством уважаемого Президента был установлен курс на создание продовольственного изобилия, а также экспорта излишнего количества продуктов питания за рубеж. В целях решения поставленной задачи, банки страны предоставляют льготные кредиты, направленные на наращивание сельскохозяйственного производства, в том числе необходимо отметить кредиты частным предпринимателям в целях производства продуктов питания.

dalaşdyryjy hukuk namalary kabul edildi. Olaryň hatarynda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirme hakynda», «Karz birleşmeleri hakynda», «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary hereket edýär. Şu kanunlaryň iş ýüzünde ulanylmagy karzyň ykdysady ösüşdäki ornuny ýokarlandyrar we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga ähli amatlyklary döreder.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň professory, ykdysady ylymlaryň kandidaty

**Aýlar HOJANEPESOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý.

Создание таких преимуществ для агропромышленного комплекса позволяет круглогодично обеспечивать население страны экологически чистыми продуктами питания высокого качества и по доступной цене. Кроме того, это позволяет полностью обеспечить сельскохозяйственную перерабатывающую промышленность местным сырьём.

В целях снижения рисков, возникающих в кредитных отношениях были приняты нормативно-правовые акты, соответствующие международным стандартам. К данным нормативно-правовым актам относятся Закон Туркменистана «О Центральном банке Туркменистана», Закон Туркменистана «О кредитных учреждениях и банковской деятельности», Закон Туркменистана «О микрофинансовых организациях и микрофинансировании», Закон Туркменистана «О кредитных союзах», Закон Туркменистана «Об обязательной гарантии вкладов физических лиц». Действие этих законов повышает роль кредита в развитии экономики, а также создаст все необходимые условия для повышения уровня жизни населения.

Процесс масштабного реформирования отечественной банковской системы, инициированный и осуществляемый под мудрым руководством уважаемого Президента, направлен, в конечном итоге, на успешное решение комплексных задач по дальнейшему повышению благосостояния наших сограждан, обеспечения социального благополучия населения нашей страны на уровне ведущих экономических держав мира.

**Байрамдурды ТАЙХАРОВ,**
профессор Туркменского государственного института экономики и управления, кандидат экономической наук

**Айлар ХОДЖАНЕПЕСОВА,**
вр.и.о. заведующего кафедры «Банковское дело» Туркменского государственного института экономики и управления

# SANLY ULGAM ARKALY BANK HYZMATLARY ÖSDÜRILÝÄR

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň binýadynda, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini has-da döwrebaplaşdyryp, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda ylmyň soňky gazananlaryny, döwrebap ösen innowasion sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça uly işler amala aşyrylýar.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda sanly ulgamy ornaşdyrmak işine aýratyn üns berilýär. Konsepsiýada göz öňünde tutulan maksatlara ýetmek we bu ugurda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini sanly ulgam arkaly ösdürmek boýunça ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hem yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2021-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda geçiren mejlisinde «Häzirki zaman bank hyzmatlaryny, elektron tölegleri ornaşdyrmagy çaltlandyrmaly hem-de nagt däl hasaplaşyk ulgamyny giňeltmeli. Durnukly pul dolanşygy üçin zerur şertleri döretmeli. Bank ulgamyna ynamy we olary bermegiň tertibini ýönekeýleşdirmeli. Şeýle hem, banklaryň arasynda bäsleşigi döretmek arkaly hyzmatlar üçin töleglere gaýtadan seretmeli» diýip aýdanlaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly ulgam arkaly bank hyzmatlaryny ösdürmek bilen bagly işleri yzygiderli durmuşa geçirýärler.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda sanly ulgamyň ornalaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň ösdürilmeginiň uzak möhletli ösüşine ýardam edýän netijeli ulgamlary ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar we döwletimiziň ykdysa-

# Развития банковских услуг на основе цифровой системы

В настоящее время предпринимаются масштабные меры по дальнейшей модернизации и диверсификации национальной экономики посредством внедрения во все её сегменты передовых достижений науки и цифровых технологий, которые являются частью комплексной политики уважаемого Президента, ориентированной на долгосрочную перспективу.

Достижению поставленных целей призвана содействовать «Концепция развития цифровой экономики в Туркменистане на 2019-2025 годы». Руководствуясь данным концептуально новым документом, кредитные учреждения страны также планомерно проводят целевую работу по развитию экономики Туркменского государства на основе инкорпорирования цифровой системы в структуру всего народнохозяйственного комплекса.

На состоявшемся 29 января 2021 года заседании Правительства Туркменистана уважаемый Президент подчеркнул важность ускорения внедрения современных банковских услуг, электронных оплат, необходимость расширения системы безналичных расчётов, создания условий для стабильного оборота денег, а также распорядился, повысив доверие к банковской системе и её привлекательность, обеспечить эффективность и своевременное возвращение выдаваемых кредитов. Руководствуясь поручениями Лидера нации, банками страны

dyýetiniň durnukly ösüşini gazanmakda esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ilata amatly mümkinçilikleri döretmek, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Bu bolsa öz gezeginde milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hem-de ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge oňaýly täsirini ýetirýär.

Döredilýän şeýle amatly mümkinçiliklere mysal hökmünde bank karzlaryndan peýdalanmak isleýän raýatlaryň banklaryň resmi internet sahypalarynda ýerleşdirilen onlaýn ýüzlenme hyzmatyny görkezmek bolar. Hyzmatdan netijeli peýdalanmak müşderileriň gymmatly wagtlaryny we harajatlaryny tygşytlamagyna ýardam berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ulgama sanly bank önümleri hem giňden ornaşdyrylýar, elektron töleg ulgamy kämilleşdirilýär. Häzirki wagtda bank kartlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sanynyň yzygiderli artdyrylmagy, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» ulgamlary arkaly amallaryň ýerine ýetirilmegi, internetiň giň mümkinçilikleriniň hödürlenilmegi halkyň artýan isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary, şeýle hem «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» hyzmatlary arkaly ýerine ýetirilýän nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça amala aşyrylýan işlere mysal hökmünde jemgyýetçilik awtobuslarynyň petekleri üçin tölegleri, poçta, söwda we jemgyýetçilik iýmiti, aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý, jemagat hyzmatlarynyň, saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlarynyň, awtoulag ýangyjy, tebigy gaz, elektrik togy, agyz suwy üçin tölegleri, karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimlerini tölemek we beýlekileri görkezmek bolar. «Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank

последовательно реализуются меры, нацеленные на дальнейшее совершенствование и расширение спектра банковских услуг, используя цифровые разработки.

Инкорпорирование цифровой системы в кредитные учреждения формирует предпосылки для обеспечения долгосрочного и устойчивого развития экономики.

В настоящее время банки страны продолжают работу над оптимизацией, расширением спектра и улучшением качества оказываемых населению услуг, что оказывает положительное влияние на повышение конкурентоспособности и интенсификацию процесса роста экономики.

Осуществляемые в данном направлении практические шаги дают позитивные результаты. К примеру, граждане могут через официальный сайт кредитных учреждений подавать заявку на оформление кредита, что в разы упрощает данную процедуру и экономит время и ресурсы.

Благодаря деятельной поддержке Героя Аркадага в структуру кредитных учреждений внедряется цифровая банковская продукция, совершенствуется система электронных платежей. Это позволило значительно расширить количество проводимых посредством банковских карт операций, наладить системы «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Электронный торговля» и «Халкбанк терминал», тем самым, – удовлетворить возрастающий спрос населения в онлайн-услугах.

Теперь у граждан Туркменистана появилась возможность пополнить баланс проездной карты в общественном транспорте, оплачивать услуги на почте, заправочных станциях, в точках торговли и общепита, медицинских учреждениях, а также провести платежи за связь, коммунально-бытовые услуги и так далее посредством банковских карт и платёжных систем.

Подобные системы, которыми можно воспользоваться в любое время, также значительно упрощают и ускоряют процесс

amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge hem-de çaltlaşdyrmaga, geçirilýän amallaryň yzygiderliligi baradaky maglumatlary gözegçilikde saklamaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Günüň islendik sagadynda banka ýüz tutmazdan «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly amala aşyrylýan hyzmatlar banklary ilata has-da ýakynlaşdyrýar. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalaryna girmek arkaly bank kartlaryny özbaşdak «Internet-bank» hyzmatyna birikdirip bilýär. Şeýle hem internet ulgamynyň üsti bilen öýlerinden çykman harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri, ýagny, dürli egin-eşikleri, elektronika we hojalyk harytlary üçin internet ulgamynyň üsti bilen özbaşdak saýlap, töläp, hem-de olary satyn alyp bilýärler.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna täze sanly innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň netijesinde Türkmenistanyň degişli karz edaralary «Türkmendemirýollary», «Türkmenawto-ulaglary» hem-de «Türkmenhowaýollary» agentlikleri bilen bilelikde bank kartlaryny ulanyp, demirýol peteklerini hem-de şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslarda petekleri internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde satyn almak mümkinçiligi döredildi. Şunda, müşderileriň banklara bolan ynamynyň artmagy, banklaryň müşderilere döredýän hyzmatlar babatyndaky giň mümkinçiligidir we bank kepilligidir. Ýurdumyzda pul dolanşygynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, banklar tarapyndan halkara tejribesiniň öňdebaryjy ösen döwrebap tehnologiýalara esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek we kämilleşdirmek hem-de ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler hem alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň barşynda, milli ykdysadyýetimiziň dürli ulgamlarynda bank kartlarynyň

проведения транзакций, позволяя вести учёт и контролировать проведённые операции. В настоящее время держатели банковских карт «Алтын асыр» могут через интернет-сайт обслуживающего кредитного учреждения самостоятельно подключить услугу «Интернет-банк», которая позволяет, не выходя из дома, оплачивать покупки.

В результате успешной реализации грандиозных начинаний уважаемого Президента кредитные учреждения страны налаживают эффективное взаимодействие с государственными структурами, что направлено на оптимизацию и улучшение их деятельности и показателей соответственно. В качестве образца вышесказанного можно указать «партнёрство» между банками и агентствами «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» и «Türkmenhowaýollary». Благодаря этому, теперь можно через банковскую карточку оплатить за стоимость билетов на железнодорожные, междугородние рейсовые автобусные проезды и воздушные перелёты. Качественное проведение банковских операций повышает уровень доверия граждан к кредитным учреждениям. В целях дальнейшего повышения эффективности денежного оборота в стране банковскими учреждениями страны проводится работа по улучшению и расширению масштабов внедрения системы безналичных расчётов на основе использования передовой международной практики и современных технологий.

Предпринимаемые в данном направлении меры также дают положительный побочный эффект – повышение финансовой грамотности пользователей банковскими услугами. Поступательный темп внедрения цифровых банковских услуг в условиях современной развивающейся рыночной экономики, налаживание которых стало возможным благодаря современным разработкам в области информационно-коммуникационных технологий, предоставляет

giňden ulanylmagy, bankyň müşderileriniň maliýe sowatlylygynyň has-da artmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Döwrebap ösen bazar ykdysady şertlerinde sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň önümi bolan sanly bank hyzmatlarynyň giňden ornaşdyrylmagy, karz edaralarynyň müşderleriniň maliýe sowatlylygy babatynda özbaşdak pikirlenip bilmegini tapawutlandyrýar. Şunda, ýaşlaryň ykdysady bilimleri öwrenmäge we sanly maglumatlary çalt kabul etmäge bolan ukybynyň öňe çykýandygy guwandyryjy ýagdaý bolup, olaryň alan bilimlerini geljekde uzak möhletli tejribede peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň durnukly ösmeginiň, barha kuwwatlanmagynyň hatyrasyna ýaşlaryň dünýägaraýşy giň, aň düşünjeli, oýlap tapyjy we döredijі bolup kemala gelmekligi, ösüp gelýän ýaş nesle bildirilýän döwrüň talabydyr.

Döwrebap sanly bank hyzmatlarynyň girizilmegi ýurdumyzyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde söwda we hyzmat ulgamlarynda bäsdeşligiň artmagyna uly itergi berýär hem-de täze döwrebap innowasion sanly bank tehnologiýalarynyň banklara ornaşdyrylmagy bilen, täze bank hyzmatlarynyň ulanyşa girizilmegi, sanly ykdysadyýetiň bähbitli ýollarynyň biri hökmünde ykrar edilmegi, alyjylaryň we satyjylaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, müşderilere edilýän sanly hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagyny we olaryň barha kämilleşmegini üpjün edýär.

«Türkmenistan-parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan yzygiderli ilata hödürlenýän täze döwrebap sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmekde giň mümkinçilikleri döredip berýän Arkadag Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Amangül BAÝRAMMYRADOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Buhgalter hasaby we hasabatlar
müdirliginiň baş hünärmeni

**Täzegül GURBANOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutynyň talyby

клиентам банков широкое поле деятельности для самостоятельного продуманного распоряжения своими финансовыми ресурсами. Благодаря всему этому, активировалась деятельность молодёжи в финансово-экономической сфере, представители которой, имея доступ к обширной тематической информации и ресурсам, могут использовать свои познания и способности в долгосрочной перспективе для дальнейшего улучшения экономического фона в стране, что является отрадным фактом.

Сегодня молодёжи предъявляется продиктованное временем требование – расширять свои знания, кругозор и грамотность, созидательный потенциал во имя обеспечения устойчивого развития государства, повышения его экономической мощи.

Внедрение цифровых банковских услуг обусловило прирост конкурентоспособности страны в сфере торговли и услуг в период рыночных отношений в экономике, а инкорпорирование в кредитные учреждения цифровых банковских технологий обеспечило увеличение видов банковских услуг, дальнейшее повышение качества и выход на новый уровень взаимодействия между продавцами и потребителями, банками и их клиентами.

Желаем Аркадагу-Президенту, благодаря деятельной поддержке которого в году, проходящем под девизом «Туркменистан – Родина мира и доверия», успешно продолжается совершенствование отечественных банков и предоставляемых ими услуг, здоровья, долголетия и успехов в государственной деятельности во имя обеспечения дальнейшего благополучия родного народа и процветания Отчизны!

**Амангуль БАЙРАММЫРАДОВА,**
главный специалист департамента
Бухгалтерского учёта и отчётности
Центрального банка Туркменистана

**Тязегуль ГУРБАНОВА,**
студентка Туркменского государственного
института экономики и управления

# KIÇI GÖWRÜMLI KARZLAR - ÖNÜMÇILIGE MÜMKINÇILIKLER

Milli Liderimiziň ilaty ýerli önümler bilen üpjin etmek baradaky taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzda oba hojalygy bilen meşgullanyp, bol mukdarda önüm öndürýän raýatlarymyzyň sany barha köpelmegi muňa şaýatlyk edýär. Oba hojalyk pudagyny ösdürmekde, ýurtda azyk bolçulygyny döretmekde hem-de öndürilen önümler üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmeginde kämilleşýän bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek bank ulgamynyň hünärmenleriniň öňünde goýlan esasy wezipeleriniň biridir.

Muňa mysal edip banklarda kiçi göwrümli karzlar ulgamyny ösdürmek hem-de bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle hem bellenilen tertipde bölünilip berilen melleginde şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek, ekerançylygy, maldarçylygy oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin esasy we dolanşyk serişdelerini edinmek maksady bilen ýyllyk 10 göterimli, 30 müň manada çenli 3 ýyl möhlete we 6 aý karzyň esasy bergisini üzmekligiň ýeňillikli döwri bilen nagt däl görnüşinde hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin bank kartlaryna ýa-da gönümel karz hasabyndan tölegleri geçirmek üçin berilýär.

Kiçi göwrümli karzlaryň sanyny artdyrmakda etrap şahamçalary tarapyndan etraplaryň çäginde howa şertlerini nazara almak bilen miweli baglary we gök-bakja ekinleri ösdürip ýetişdirmek boýunça bank karzlarynyň ähmiýeti hem-de amatlyklary barada ilatyň arasynda düşündiriş, mahabat işlerini geçirmeklik yzygider dowam etdirilýär we oňyn netijelerini berýär.

Kiçi göwrümli karzlaryň esasy ugurlarynyň

# Микрокредитование - фактор роста производства

О позитивной динамике осуществляемых на базе этой стратегии реформ, нацеленных на насыщение внутреннего рынка продукцией отечественного производства, свидетельствует и поступательный рост числа тех, кто возделывает щедрые урожаи. Одной из главных задач, стоящих перед сотрудниками банков, является принятие целевых мер, которые призваны придать дополнительный импульс развитию сельского хозяйства, обеспечить продовольственное изобилие в стране и своевременное проведение расчётов за произведённую продукцию.

В этом контексте предпринимаются меры по развитию системы микрокредитования в банках, расширению спектра банковских услуг. В целях поддержки граждан, ведущих личное хозяйство в участках выделенных в установленном порядке, получения ими основных и оборотных средств для производства аграрной продукции выделяются средства в размере до 30 тысяч манатов с 10% годовой ставкой с льготным периодом погашения основного долга по кредиту в 6 месяцев. Эти средства перечисляются на банковскую карту или прямой кредитный счёт.

Сотрудники этрапских филиалов кредитных учреждений проводят среди населения эффективную «рекламную кампанию» о выгодности банковских микрозаймов для развития земледелия, в частности, выращивания фруктов и овощебахчевых.

Данный вид банковского кредитования

biri hem etraplaryň öri meýdanlarynda ownuk şahly mallaryň baş sanyny köpeltmek işlerine ünsi güýçlendirmekden ybaratdyr, ol ýerde ýüň, süýt we et önümlerini köpeltmek esasy üns berilýän ugurlaryň biridir. Mundan başga-da ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek boýunça ýerine ýetirilýän işleriň çäklerinde, raýatlarymyzyň mellek ýerlerinde, kömekçi hojalygynda ýyladyşhanalary gurmak arkaly miweli bag, we gök-bakja ekinlerini ýetişdirmek işleri hem depginli alnyp barylýar.

Şeýle maksatlar bilen, Ahal welaýatynyň çäginde ýerleşýän bank şahamçalary tarapyndan 2021-nji ýylyň mart aýynyň 1-i ýagdaýyna jemi 4 404,45 müň manat möçberinde 159 sany karz alyja önümçilik maksatly kiçi göwrümli karzlary berlip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 3,6 esse artdy. Munuň özi raýatlara goldaw bermek, ekerançylygy, maldarçylygy, oba hojalyk önümlerini öndürmekde kiçi göwrümli karzlara bolan islegiň barha artýandygyny subut edýär. Ýurdumyzyň karz edaralarynyň işjeňligini hil taýdan täze, has ýokary derejä çykarmak, bank ulgamynyň ykdysadyýetdäki ornuny pugtalandyrmak bank ulgamynyň öňünde duran esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň bank ulgamyny has-da ösdürmäge, raýatlara amatly, ýokary hilli we has çalt hyzmat etmäge oňyn şert döredýän häzirki zaman bank hyzmatlarynyň döwrebap usullaryny bank ulgamyna ornaşdyrmak boýunça netijeli çäreleri durmuşa geçirilýär.

Bedew batly ösüşleri bilen öňe barýan ata Watanymyzyň röwşen geljegi üçin ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

**Begmyrat HANOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ahal welaýat şahamçasynyň Ykdysady seljeriş we
jemleýiş bölüminiň esasy hünärmeni

будет выгодна и тем, кто хочет заниматься животноводством, в особенности разведением мелкого рогатого скота и получением от них животноводческой продукции – шерсти, молока и мяса. В настоящее время в рамках проводимой работы по созданию продовольственного изобилия в стране активизируется частная инициатива: растёт число садоводов и бахчеводов, выращивающих продукцию в теплицах на своих земельных участках и в подсобных хозяйствах.

На эти цели филиалами банков в Ахалском велаяте было выделено микрокредитов на сумму 4 404,45 тыс. манатов. Число получателей подобных кредитов составлю 159. Таковы данные по состоянию на 1 марта 2021 года. В сравнении с аналогичным периодом прошлого года этот показатель увеличился на 3,6 раза, что свидетельствует о привлекательности подобных кредитов для тех, кто занимается земледелием, животноводством и, в целом, выпуском сельскохозяйственной продукции.

Одна из основных задач банковской системой – вывести деятельность кредитных организаций нашей страны на качественно новый, более высокий уровень, усилить роль банковской системы в экономике.

Под мудрым руководством уважаемого Президента предпринимаются эффективные меры по внедрению в банковскую систему современных банковских услуг, что создаст благоприятную среду для дальнейшего развития банковской системы страны, оптимально качественного и оперативного обслуживания клиентов.

Желаем Герою-Аркадагу, проявляющему непрестанную заботу о светлом будущем стремительно развивающейся родной Отчизны, здоровья, долголетия и успехов в государственной деятельности во имя интересов народа и страны!

**Бегмырат ХАНОВ,**
ведущий специалист отдела Экономического
анализа и свода филиала Центрального банка
Туркменистана в Ахалском велаяте

# RAÝATLARYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN BANK HYZMATLARY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan pudaklaryny karzlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler ýurduň durnukly ykdysady ösüşini ýokarlandyrmak baradaky maksatdan ugur alýar. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan berilýän ýeňillikli karzlaryň netijesinde oba hojalyk, senagat önümlerini öndürijileriň, hususy telekeçileriň, önümçiliklerini giňeltmek bilen, ilatyň iş bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak, içerki bazarlarda harytlaryň we hyzmatlaryň bolçulygyny döretmek, ýurdumyzda öndürilýän önümleri dünýä bazarlaryna netijeli çykarmak baradaky alnyp barylýan möhüm wezipeler hem öz beýanyny tapýar.

Mälim bolşy ýaly, döwletimizde Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda telekeçiler, hususy önüm öndürijiler döwlet tarapyndan maliýe taýdan goldanylýar, olara ýeňillikler döredilip, netijeli işlemekleri üçin amatly mümkinçilikler döredilýär. Olary maliýe taýdan goldamagyň esasy maksat-



# Банковские услуги в интересах граждан

В эпоху могущества и счастья работа кредитных организаций нашей страны по кредитованию приоритетных секторов национальной экономики направлена на повышение устойчивого экономического развития страны. В результате льготных кредитов, предоставляемых кредитными учреждениями страны, расширяется сельскохозяйственное и промышленное производство, что способствует дальнейшему улучшению занятости населения, созданию изобилия товаров на внутренних рынках, увеличению производства товаров и услуг в стране, а также выводу продукции производимой в стране на мировой рынок.

Как известно, в нашем государстве под мудрым руководством Героя Аркадага предприниматели и частные производители получают финансовую поддержку со стороны государства, также создаются благоприятные условия для их эффективной работы. Основными целями финансовой поддержки являются: производство высококачественной продукции отвечающий мировым стандартам, увеличение количество и ассортимент товаров, изготавливаемых в нашей стране на экспорт и улучшение жилищно-бытовых условий населения, создание новых рабочих мест.

В соответствии с Постановлением Президента Туркменистана «О государственной поддержке малого и среднего

lary önümçilige innowasiýalary, döwrebap tehnologiýalary we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmagyň hasabyna ýokary hilli, dünýä ülňilerine laýyk gelýän önümleri öndürmekden, ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini hem-de ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmakdan, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmakdan, täze iş orunlaryny döretmekden ybarat bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» Kararyna laýyklykda karz edaralary tarapyndan hususy kärhanalara, telekeçilere, daýhan hojalyklaryna, kärendeçi-oba hojalyk önüm öndürijilere maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla, dolanyşyk serişdelerini satyn almak üçin 1 ýyla çenli möhlete ýyllyk 5 göterimli ýeňillikli bank karzlary bermek ýola goýuldy. Bu karzlar senagat önümleriniň önümçiligini ösdürmek, bar bolan önümçilikleri gurnamak, giňeltmek, durkuny täzelemek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, kiçi öwrümli tehnikalary, çig mallary, ýarym çig mallary satyn almak we beýleki maksatlar üçin niýetlenilendir. Hormatly Prezidentimiziň bu Karary esasynda 2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Balkan welaýatymyzyň bank şahamçalary tarapyndan ýyllyk 5 göterimli ýeňillikli karz serişdeleriň hasabyna 72,9 mln manatlyk karz serişdesi berildi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe daýhanlaryň, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň zähmeti bilen önüm bolçulygy döreýär. Daýhan yhlasyndan ýerden zer önýär, saçaklarymyz bereketli, rysgally bolýar. Şunuň bilen baglylykda, oba hojalyk önümlerini öndürijileri ählitaraplaýyn goldamak baradaky aladalar birjik-de ünsden düşürilmeýär. Hormatly Prezidentimiziň «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakyndaky» Kararyna laýyklykda, oba hojalyk önümlerini

предпринимательства в Туркменистане» кредитными организациями предоставляется кредит для частных предприятий, предпринимателей, дайханских объединений, арендаторов-сельхозпроизводителей на инвестиционные проекты на 10 лет, на приобретение оборотных средств на 1 год под 5% годовых. Эти кредиты предназначены для развития, расширения, реконструкции и технического оснащения промышленного производства, приобретения малой техники, сырья, полусырья и других целей. На основании данного Постановления по состоянию на 1 марта 2021 года филиалы банков Балканского велаята предоставили кредиты на сумму 72,9 миллиона манат за счёт 5-процентных льготных кредитов.

В эпоху могущества и счастья производственное изобилие создается трудом дайханов, сельскохозяйственных производителей. В этой связи не остаётся без внимания забота по поводу всесторонней поддержке сельхозпроизводителей. В рамках постановления Президента Туркменистана «О финансовой поддержке сельхозпроизводителей в нашей стране» банки предоставляют производителям сельхозпродукции и не относящимся к государственному сектору юридическим и физическим лицам льготные кредиты на приобретение сельхозтехники, механизмов и инструментов, водосберегающей техники, применяемых при поливе труб



öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, enjamlaryny we abzallaryny, oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskawatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim, maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, gaýtadan işlemek, hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem, esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin we ýyllyk 5 göterimli 10 ýyla çenli möhlete berilýän ýeňillikli bank karzlary muňa mysal bolup biler. 2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna welaýatymyzyň bank şahamçalary tarapyndan ýyllyk 1 göterimli ýeňillikli karz serişdeleriň hasabyna 4 941 müň manatlyk karz serişdeleri berildi.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan berilýän ýeňillikli karzlara mysal hökmünde durmuş guran ýaş maşgalalara olaryň ýüztutmalaryna laýyklykda, zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin girew goýmazdan, zamanlyk esasynda ýyllyk 1 göterimli 3 ýyl möhlete, umumy möçberi 6 müň manada çenli bolan ýeňillikli «Ýaş çatynjalar karzyny», täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryny, jaýlardaky öýleri doly bahasyna satyn almak üçin ýyllyk 1 göterimli, 5 ýyl ýeňillikli döwür bilen otuz ýyl möhlete berilýän gozgalmaýan emläk karzlaryny, raýatlara gurlup, ulanylmaga taýýar edilen jaýlary we öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde



под 1 процент годовых, в целях финансирования инвестиционных проектов, связанных с развитием животноводства и птицеводства, переработкой и оказанием услуг, а также для приобретения основных средств и имущества под 5 процентов годовых сроком на 10 лет. По состоянию на 1 марта 2021 года филиалами банков велаята выданы кредиты на общую сумму 4 941 000 манат, за счёт 1 процентных льготных кредитов.

В качестве примера льготных кредитов, предоставляемых кредитными учреждениями нашей страны, можно привести «Ýaş çatynjalar karzy», выдаваемый молодым людям, состоящим в браке, в соответствии с их заявлениями с 1 процентной ставкой на 3 года в размере до 6000 манатов без предоставления залога на покупку необходимых предметов домашнего обихода и хозяйственных товаров; ипотечные кредиты, предоставляемые для покупки новостроек, жилых домов за полную стоимость под 1 процент, сроком на тридцать лет с льготным периодом 5 лет, для покупки готовых к использованию домов и квартир, поставив их же под залог, в размере до 90 процентов от их стоимости, под 1 процент годовых, на 30 лет с льготным периодом 5 лет.

По состоянию на 1 марта 2021 года через филиалы банков велаята, предоставили кредиты в 96,9 миллиона манатов под 1 процент годовых молодым семьям на приобретение предметов домашнего обихода и хозяйственных товаров. Также сейчас открыт кредит 244,8 миллиона манат на финансирование строительства частного жилья, и оформлен кредит 219,4 миллион манат на приобретение готового к использованию частного жилья сроком на 30 лет.

Все реформы банковской системы, проводимые в условиях рыночной эко-

girewine goýup, satyn almak üçin jaýlaryň, öýleriň bahasynyň 90 göterimine çenli ýyllyk 1 göterimli, 5 ýyl ýeňillikli döwri bilen otuz ýyl möhlete berilýän gozgalmaýan emläk karzlaryny görkezmek bolar.

2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna welaýatymyzyň bank şahamçalary tarapyndan durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bilen 96,9 mln manatlyk karz serişdesi berildi. Şeýle hem häzirki wagtda hususy ýaşaýyş jaýlaryna gurluşyk işlerini maliýeleşdirmek üçin 244,8 mln manatlyk karz ugry açylyp, gurluşygy tamamlanan hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin 219,4 mln manatlyk karz serişdeleri 30 ýyl möhlete resmileşdirildi.

Bu işleriň ählisi halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgesiniň durmuşymyzyň ähli ugurlaryna öz beýanyny tapýandygyna şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetinde amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň durmuş-ykdysady derejesini dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna ýetirmäge gönükdirlendir.

Bu bolsa, öz gezeginde ýurdumyzyň bank ulgamyny döwrebap, öňdebaryjy dünýä tejribesine laýyklykda ösdürmegi dowam etdirmek babatda öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmäge, milli maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmäge, pul aýlanyşygyny ýokarlandyrmaga, netijede bolsa ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

**Zübeýda REJEPOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Balkan welaýat şahamçasynyň Ykdysady seljeriş we
jemleýiş bölüminiň esasy hünärmeni

номики под мудрым руководством уважаемого Президента, направлены на повышение уровня жизни наших граждан до уровня развитых стран мира. Это, в свою очередь, способствует реализации поставленных задач по развитию банковской системы нашей страны в соответствии с современным и передовым мировым опытом, успешной реализации национальных программ, увеличению денежного обращения и, как следствие, дальнейшему повышению уровня жизни населения.

В этой связи желаем долгих лет жизни и успехов Герою Аркадагу, прилагающему неустанные усилия для благополучия нашего народа, на основании гуманитарного принципа «Государство - для человека!», который находит отражение во всех аспектах нашей жизни.

**Зубейда РЕДЖЕПОВА,**
ведущий специалист отдела Экономического
анализа и свода филиала Центрального банка
Туркменистана в Балканском велаяте

# ÝURDUMYZYŇ MILLI YKDYSADYÝETINI DOLANDYRMAGYŇ MÖHÜM UGRY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň öndengörüjilikli döwlet syýasatynyň binýadynda ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek maksady bilen, «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda»Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanunyň esasy maksady, ýurdumyzda elektron resminamalaryň, elektron resminama dolanyşygynyň we sanly hyzmatlaryň hukuk ýagdaýyny hem-de olara bildirilýän esasy talaplary kesgitlemek bolup durýar.

Şeýle hem, bu ugurda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky meseleleri düzgünleşdirmäge gönükdirilendir. Şu nukdaýnazardan, ýurumyzyň ministrliklerinde we pudak edaralarynda sanly elektron resminamalar dolanyşygy ulgamyny we internet web-saýtlaryny döretmek hem-de olaryň işe girizilmegi bilen bagly durmuşa ornaşdyrmak boýunça birnäçe resminamalar toplumy kabul edildi.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň hojalyk subýektlerinde sanly ulgamy ornaşdyrmak arkaly, ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge giň mümkinçilikler döredilýär.

Milli Liderimiziň taýsyz tagallalarynyň netijesinde milli ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmak, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak üçin, sanly elektron we ylym-bilim ulgamyny ösdürmek meselelerine aýratyn uly üns berilýär.

Ýurdumyzda elektron resminama dolanyşygynda we sanly hyzmatlar ulgamlarynda öňde duran maksatlar we ýerine ýetirilmeli işler hem-de ýetilmeli sepgitler aýdyň kesgitlenendir.

Döwrebap ösen innowasion sanly tehnologiýalara daýanýan elektron resminama do-

# Ключевой вектор управления национальной экономикой

В эпоху могущества и счастья благодаря дальновидной государственной стратегии уважаемого Президента был принят Закон Туркменистана «Об электронном документе, электронном документообороте и цифровых услугах», цель которого – содействие интенсивному развитию цифровой системы в страны, а также определение правового статуса этих процессов и основных требований в этой области. Вместе с тем, данный законодательный акт нацелен на регулирование общественных отношений в этой сфере.

В данном контексте был принят ряд документов, призванных ускорить создание и запуск в структурах министерств и отраслевых ведомств нашей страны системы электронного документооборота и веб-сайтов.

Отметим, что в результате внедрения цифровой системы в субъектах хозяйствования национальной экономики открываются широкие перспективы для её дальнейшей диверсификации.

В результате подвижнической деятельности Лидера нации новую динамику обрело решение задач по развитию цифровой электронной и научно-образовательной системы, что призвано и далее повышать эффективность работы по цифровизации национальной экономики и государственного управления.

Были конкретизированы цели и план работы в области внедрения и обеспечения эффективного функционирования системы электронного документооборота и цифровых услуг.

lanyşygy ýurdumyzyň ministrliklerinde, bank ulgamynda, pudak edaralarynda we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalarynda maglumat alyş-çalşygyny döwrebap guramagyň esasynda döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimiziň hojalyk subýektlerinde elektron resminama dolanyşygyny ornaşdyrylmagy bilen, sanly hyzmatlaryň ýerine ýetirmegi, özüniň oňyn netijelerini hem berýär. Kanunyň sanly hyzmatlar ulgamyndaky maksady, ilat köpçüligine we hususy ulgamda telekeçilik işini alyp barýan şahslara hem-de döwlet tarapyndan düzgünleşdirilen hyzmatlary etmegiň has netijeli usullaryny saýlamaga we durmuşa geçirmäge, sanly görnüşdäki hyzmatlardan peýdalanylanda raýatlaryň maliýe sowatlylygyna we hünär derejeleriniň ýokarlandyrylmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Taýýarlanylýan resminamalar toplumyny kagyz we elektron göterijilerde maglumat akymlarynyň netijeli usulyny saýlap almak we ulanmak, maglumat alyş-çalşygynyň bitewi giňişligini emele getirmek, resminamalaryň goraglylygyny, ýaşyrynlygyny, bitewliligini we elýeterliligini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Sanly elektron resminama bildirilýän birnäçe talaplar bardyr. Elektron resminama dolanyşygynyň subýektleriniň arasyndaky baglaşylýan ylalaşyklar kesgitlenilen talaplara dogry gelmelidir we ony anyklamaklyga mümkinçilik berýän rekwizitleri bolmalydyr.

Elektron resminama dolanyşygy gurnalanda ulanylýan programma – tehniki üpjünçiliklere we beýleki tehniki serişdelere, enjamlara aýratyn üns berilmegi wajyp bolup durýar. Sebäbi, gurnaljak tehniki serişdeler, enjamlar we olarda ulanyljak programma üpjünçilikleriniň kiberhowpsuzlygyň talaplaryny berk berjaý etmegi döwrüň talabydyr we munda ulanylýan programma üpjünçilikleri ähli taraplaýyn goragly bolmagy zerurdyr.

Bu ugurda kabul edilen «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň uly ähmiýeti bardyr. Bu resminamanyň kabul edilmegi bilen, ýurdumyzyň özygytyýarlylygyny, bähbitlerini goramaga, internet ulgamynda dürli ýüze

Внедрение системы электронного документооборота, созданной на базе инновационных цифровых технологий, в министерства, банки, отраслевые ведомства и находящиеся в их ведении учреждения и предприятия позволит наладить оперативный обмен данными, что, в свою очередь, оптимизирует государственное управление.

Инкорпорирование системы электронного документооборота в субъекты хозяйствования национальной экономики также позволит значительно расширить спектр и повысить качество предоставляемых ими цифровых услуг. Достижение обозначенных в вышеупомянутом Законе целей предоставит населению и юридическим лицам, занятым в частном секторе, возможность выбирать и использовать урегулированные государством оптимальные услуги, окажет положительное воздействие на повышение финансовой грамотности граждан, пользующихся цифровыми услугами, а также профессиональной квалификации профильных специалистов.

Суть этих целей состоит в обеспечении выбора и применения эффективного способа передачи информации, как на бумажных, так и на цифровых носителях, создании единого пространства для обмена данными, гарантировании защищённости, конфиденциальности, сохранности и доступности документации. К налаживанию системы электронного документооборота предъявляется ряд требований: он должен соответствовать положениям соглашения, заключаемого между субъектами электронного документооборота, с их реквизитами, позволяющими установить их подлинность.

Отдельное внимание нужно уделить программно-техническому обеспечению, иным техническим приборам и оборудованию, которые используются при налаживании системы электронного документооборота, так как они должны соответствовать требованиям кибербезопасности и быть надёжно защищены. Это – требование времени.

çykyp biljek ýagdaýlaryň öňüni almaga, jemgyýetçilik tertip-düzgüniň, guramalaryň hem-de raýatlaryň kanuny hukuklarynyň we bähbitleriniň üpjün edilmegine gönükdirilendir.

Şeýle hem, ondan birnäçe gezek peýdalanmak mümkinçiliginiň elýeterli bolmagy, bitewiliginiň üpjün edilen bolmagy hem-de saklanyş möhletiniň dowamynda goragly bolmagy wajypdyr. Sanly elektron resminamalaryň berilmegi içerki we daşarky görnüşlere bölünýär. Sanly elektron resminamanyň gurluşy umumy we aýratyn böleklerden ybarat bolup durýar. Elektron resminamanyň düzüjisini anyklamaga mümkinçilik berýän usulda we görnüşde döredilmegi, peýdalanylmagy hem-de kabul edijiniň kabul etmegi üçin düşnükli görnüşde berilmegi hökmany ýagdaýdyr.

Ýurdumyzda eýeçiligiň görnüşine garamazdan elektron resminama dolanyşygyny ornaşdyrmak arkaly, sanly hyzmatlar ulgamynda iş alyp barýan ýuridik we fiziki şahslar özleriniň iş tejribelerinde, has takygy iş ýerlerinde sanly hyzmatlary giňden ornaşdyrýarlar we ilat köpçüligine hyzmat edýärler.

«Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi, ýurdumyzda hereket edýän sanly ulgamy ösdürmegiň Konsepsiýalaryndan we Maksatnamalaryndan gelip çykýan işleri amala aşyrmakda döredilen döwrebap hukuk resminamasydyr.

Sanly ulgam arkaly işleriň alnyp barylmagy we durmuşa ornaşdyrylmagy hem-de bu ugurlarda dünýä tejribesinde gazanylan oňyn netijeleri peýdalanylmagy geljekki strategik ugurlaryň biridir.

Milli Liderimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ýaşlaryň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna ýetirmek, giň gözýetimli, durmuşa ukyply, zehinli ýaşlaryi terbiýeläp ýetişdirmek, milli ykdysadyýetimiziň dürli ugurlary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça hem netijeli işler alnyp barylýar.

В этом контексте огромное значение имеет Закон Туркменистана «О кибербезопасности», который призван защищать суверенитет, интересы нашей страны, предотвратить различные киберугрозы, обеспечить общественный правопорядок, законные права и интересы организаций и граждан.

Важно также добиться постоянной доступности и единства цифрового информационного пространства, защиты цифровых данных на протяжении всего срока их хранения. Цифровые электронные документы в зависимости от адресата подразделяются на внутренние и внешние, а по структуре – на общие и частные. Обязательным условием выступает создание и использование электронного документа в форме и виде, позволяющим установить составителя, а также его подача в виде, доступном для восприятия получателя.

Сегодня юридические и физические лица вне зависимости от формы собственности, предоставляющие цифровые услуги, активно внедряют систему электронного документооборота, что позволяет им предоставлять качественные цифровые услуги и наращивать опыт.

Принятие Закона Туркменистана «Об электронном документе, электронном документообороте и цифровых услугах» стало следствием реализации мер, вытекающих из концепций и программ в области развития цифровой системы.

Одним из стратегических направлений деятельности в этой области является расширение охвата цифровизации, имплементация лучшей мировой практики в это дело.

Под мудрым руководством лидера нации проводится масштабная работа по повышению финансовой грамотности молодёжи страны, выводу качества жизни населения до уровня развитых стран планеты, воспитанию способного и образованного молодого поколения туркменистанцев с широким кругозором, подготовке из них высококлассных

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda bilim alýan talyp ýaşlara özleriniň saýlap alan hünärleri boýunça birnäçe okuw derslerinden bilimler berilýär. Şeýle-de olaryň okuw meýilnamalaryna mähriban Arkadagymyzyň kabul eden ýurdumyzda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy babatyndaky degişli kararlaryna laýyklykda, sanly ulgamy öwretmek maksady bilen «Sanly ykdysadyýet» dersi girizildi. Bularyň ählisi ýaşlaryň maliýe başarnyklaryna hem-de ykdysady gatnaşyklardan netijeli baş çykaryp bilmeklerine ýardam eder.

Sanly bilimiň, ylmyň we sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine berilýän ünsüň barha güýçlendirilmegi, bu ugurda bilim alýan talyp ýaşlaryň we hünärmenleriň durmuş tejribesiniň has-da baýlaşmagyna oňyn täsir edýär. Şuňa laýyklykda, ýurdumyzda sanly bilimiň, ylmyň we sanly ykdysadyýet ulgamlarynyň ösdürilmeginiň Konsepsiýalary hem-de Maksatnamasy halk hojalyk toplumyny sanly ulgam esasynda ösdürmek işinde uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Mähriban Arkadagymyzyň milli ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmagyň döwlet maksatnamasyny işjeň durmuşa geçirmek, şeýle hem sanly ulgam babatynda ýaşlaryň maliýe sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak, bu ugurda edilýän ägirt uly aladanyň nyşanydyr. Milli ykdysadyýetimizde sanly ulgamy ornaşdyrmakda döredýän giň mümkinçilikleri, berýän giň goldawlary üçin milli Liderimiziň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Jumamuhammet ANNAMUHAMMEDOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Eneş ÝAZGELDIÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby

специалистов для различных сегментов национальной экономики.

Одним из высших учебных заведений, где готовят квалифицированных кадров для нужд народнохозяйственного комплекса, является Туркменский государственный институт экономики и управления. Отметим, что в целях подачи современных знаний в области цифровой системы, а также исходя из соответствующих постановлений Президента Туркменистана, касающихся развития и внедрения в стране цифровых технологий, в учебный план данного высшего учебного заведения был включён предмет «Цифровая экономика». Это призвано способствовать обучению молодёжи финансовым навыкам и экономической деятельности на базе передовых достижений науки и технологий.

Усиление внимания к нарастающей динамике цифрового образования, науки и экономики обусловило повышение уровня и качества знаний студенческой молодежи и квалификацию профильных специалистов. Соответственно, концепции и программы в области развития цифрового образования, науки и экономики в нашей стране имеют большое значение в развитии народнохозяйственного комплекса на основе цифровой системы.

Активный темп претворения в жизнь утверждённой лидером нации государственной программы по цифровизации национальной экономики, а также мер по повышению финансовой грамотности молодёжи свидетельствует о прилагаемых в данном направлении усилиях. Желаем лидеру нации, благодаря деятельной поддержке которого создаются широкие возможности для внедрения цифровой системы в национальную экономику, крепкого здоровья и долголетия!

**Джумамухаммет АННАМУХАММЕДОВ,**
старший преподаватель Туркменского государственного института экономики и управления

**Энеш ЯЗГЕЛЬДЫЕВА,**
студентка Туркменского государственного института экономики и управления

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1мая 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 мая 2021 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 мая 2021 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 мая 2021 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.05.2020 | 01.01.2021 | 01.05.2021 | 01.05.2021<br>01.01.2021-e, %-de | 01.05.2021<br>01.05.2020-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 4 | *80,0* | *80,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 4 | *133,3* | *133,3* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 2 | 2 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany**<br>Количество обслуживаемой клиентуры кредитных учреждений | sany / ед. | * | **5 752 002** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8167,0** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **5 671,2** | **6 003,6** | **6 043,6** | *100,7* | *106,6* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan, karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **13 424,40** | **12 243,10** | **6 799,08** | *55,5* | *50,6* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредиты кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **62 249,6** | **70 322,80** | **72 158,30** | *102,6* | *113,0* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **39 647,46** | **39 289,33** | **36 075,86** | *91,82* | *91,0* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2021-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2021 г.

